Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 26-njy noýabryndaky çykaran 160-iş belgili
**BUÝRUGY**

**Kärhanada zähmeti goramak gullugy hakynda birkysmy düzgünnamany hem-de Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) birkysmy wezipe gözükdirijisini tassyklamak barada**

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 185-nji maddasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Kärhanada zähmeti goramak gullugy hakynda birkysmy düzgünnamany;

2) Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) birkysmy wezipe gözükdirijisini.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M. Sylapow**

**“YLALAŞYLDY”**
**«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygy**
**_____________M.H.Hojagulyýew**
**«26» noýabr 2025 ý.**

**“YLALAŞYLDY”**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkeziniň başlygy**
**__________O.K.Berdiliýewa**
**«26» noýabr 2025 ý.**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2025-nji ýylyň 24-nji dekabrynda 1915 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 26-njy noýabryndaky çykaran 160-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

## Kärhanada zähmeti goramak gullugy hakynda birkysmy düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Kärhanada zähmeti goramak gullugy hakynda birkysmy düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 185-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de kärhanalarda zähmeti goramak gullugynyň işiniň guralyşyny we tertibini kesgitleýär.

2. Şu Düzgünnama guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, şol sanda Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurtly ýuridik şahslarda zähmeti goramak gullugynyň (mundan beýläk – Gulluk) işiniň ýeke-täk guralyşyny we tertibini belleýär.

## II bap. Gullugyň işiniň guralyşy we tertibi

3. Işgärleriniň sany elliden köp bolan önümçilik kärhanalarynda zähmeti goramak gullugy döredilýär ýa-da zähmeti goramak boýunça hünärmeniň wezipesi girizilýär.

4. Gulluk öz derejesi boýunça Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda kärhananyň esasy önümçilik gulluklaryna deňleşdirilýär we onuň işine kärhananyň ýolbaşçysy gözegçilik edýär.

5. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, Gullugyň işgärlerine olara mahsus bolmadyk wezipeleri ýüklemeklik ýa-da olaryň işini utgaşdyrmaklyk gadagan edilýär.

6. Gulluk öz işini kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylan meýilnama laýyklykda kärhananyň gaýry bölümleri we kärdeşler arkalyşygynyň guramasy, zähmeti goramak babatynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary hem-de zähmeti goramak babatynda işi amala aşyrýan beýleki döwlet edaralary bilen utgaşykly alyp barýar.

7. Gulluk öz işinde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, zähmeti goramak babatyndaky hukuknamalary, zähmet howpsuzlyk ulgamynyň standartlaryny, zähmeti goramak boýunça beýleki kadalary, düzgünleri, gözükdirmeleri we şu Düzgünnamany gollanýar.

8. Gullugyň düzümi we iş birlikleriniň sany kanunçylyga laýyklykda kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

9. Ulgamyň gurluş düzümi boýunça kärhanada zähmeti goramak gullugyny döretmek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, zähmeti goramak

boýunça hünärmeniň wezipesi girizilýär.

10. Gulluga kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan başlyk ýolbaşçylyk edýär.

11. Gullugyň başlygy gullugyň işini gurnaýar, gullugyň işgärleriniň wezipe borçlaryny kesgitleýär we olaryň wezipe borçlarynyň ýerine ýetirişlerine gözegçilik edýär. Gullugyň başlygynyň bolmadyk ýagdaýynda kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen onuň wezipe borçlary orunbasaryna ýa-da bölümiň işgärleriniň biriniň üstüne ýüklenilip bilner.

## III bap. Gullugyň esasy wezipeleri we hukuklary

12. Gullugyň esasy wezipeleri şulardan ybarat:

1) önümçilikde zähmeti goramagyň ýagdaýyna gözegçilik etmek;

2) zähmeti goramagyň öňdebaryjy tejribelerini ornaşdyrmak;

3) kärhananyň bölümlerinde zähmeti goramak, önümçilik şikesiniň we hünär kesselleriniň sebäplerini seljermek, olar bilen bilelikde önümçilik betbagtçylygynyň, hünär kesselleriniň öňüni almak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek;

4) kärhanada iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmekligi guramak;

5) kärhananyň beýleki düzüm birlikleri bilen bilelikde zähmet şertleriniň we zähmeti goramagyň kämilleşdirilmegini we sanitariýa – sagaldyş çäreleriniň meýilnamalarynyň işlenip taýýarlamagyny hem-de ýerine ýetirilmegini guramak;

6) köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) zähmeti goramak böleginiň işlenip taýýarlanylmagyna gatnaşmak;

7) kärhananyň ýolbaşçylaryna has kämil gorag tehnikalaryň, enjamlaryň we gaýry gorag serişdeleriniň ulanylmagy hem-de işe girizilmegi baradaky teklipleri işläp taýýarlamak we hödürlemek;

8) zähmetiň howpsuzlygy üçin täze standartlaryň ornaşdyrylmagyna gatnaşmak;

9) kärhananyň bölümlerinde önümçilik gurşawynyň ýagdaýynyň ölçeglerini geçirmekde zerur kömekleri bermek;

10) zähmet howpsuzlyk ulgamynyň standartlarynyň, zähmeti goramak boýunça kadalaryň, düzgünleriň we gözükdirmeleriň talaplary we önümçiligiň aýratynlyklary göz öňünde tutulyp taýýarlanan tehniki howpsuzlyk baradaky giriş gözükdirmeleri geçirmek;

11) zähmeti goramak boýunça işgärler bilen geçirilýän okuwlary gurnamakda zerur kömekleri bermek;

12) kärhananyň inžener – tehniki işgärleriniň we gullukçylarynyň zähmeti goramak babatyndaky kadalary we düzgünleri, zähmeti goramak boýunça gözükdirmeleri özleşdirişleri boýunça hünär synagyny geçirmek baradaky toparyň işine gatnaşmak;

13) zähmeti goramak otagynyň (burçlarynyň) işine ýolbaşçylyk etmek, kärhanada zähmeti goramak boýunça wagyz etmek we habar bermek işlerini gurnamak;

14) kärhananyň degişli bölümlerini zähmeti goramak meselesi boýunça

habar beriş stendleri bilen abzallaşdyrmak, kadalar, düzgünler, görkezmeler boýunça usulyýet kömegini bermek;

15) önümçilikdäki ýüze çykyp biljek betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak boýunça geçirilýän barlaglara gatnaşmak;

16) zähmeti goramak meseleleri baradaky raýatlaryň ýüztutmalaryna garamak we olar boýunça degişli netijeleri çykarmak;

17) zähmeti goramak boýunça bellenilen görnüşlerde we möhletlerde hasabatlary düzmek we bermek.

13. Gulluk şulara gözegçilik edýär:

1) kärhananyň bölümlerinde zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek baradaky çäreleriň berjaý edilişine;

2) kärhananyň bölümlerinde zähmeti goramak kadalarynyň talaplarynyň, tehniki (senagat) howpsuzlygy boýunça gözükdirmeleriň berjaý edilişine;

3) önümçilik güwwüldileriniň, yrgyldylaryň, tozanlaryň, gazlandyrylmanyň, ýagtylygyň, gyzgynlyk derejesiniň, çyglylygyň we önümçilige oňaýsyz täsir edýän gaýry önümçilik ýagdaýlaryň ölçeglerini geçirmegiň tertibiniň berjaý edilişine;

4) degişli gulluklar tarapyndan basyş astynda işleýän bug, suw gyzdyryjy gazanlaryň, gaplaryň we enjamlaryň, bug we suw geçirijileriň, ýük galdyryjy maşynlaryň we barlag – ölçeg mehanizmleriň, awtomatiki hem-de gaýry enjamlaryň wagtly – wagtynda barlanylmagyna we olaryň abatlygy barada güwä geçilmegine;

5) ýelejirediş we howany arassalaýyş enjamlarynyň peýdaly işlemegine;

6) gorag serişdeleriniň we öňüni alyş enjamlarynyň ýagdaýyna;

7) iş ýerlerinde geçirilýän gözükdirmeleriň öz wagtynda we ýokary hilli bolmagyna;

8) zähmeti goramak boýunça işçileriň okuwlarynyň gurnalmagyna, bilimleriniň barlanylmagyna we synaglaryň geçirilmegine;

9) önümçilikde betbagtçylykly hadysalar ýüze çykanda, olaryň derňelmeginiň we hasaba alynmagynyň kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda berjaý edilişine;

10) ýörite geýimleriň, ýörite aýakgaplaryň we gaýry gorag serişdeleriniň, saklanylmagyny, berilmegini, ýuwulmagyny we himiki usul bilen arassalanylmagyny, zyýansyzlandyrylmagyny we bejerilmegini gurnamak;

11) kärhananyň bölümlerinde zähmeti goramak çäreleri üçin niýetlenen serişdeleriň dogry we doly harçlanylyşyna.

14. Gullugyň şulara hukugy bardyr:

1) kärhananyň ähli bölümlerinde zähmetiň şertleriniň we goragynyň ýagdaýyny barlamaga hem-de ýüze çykarylan kemçilikleriň hökmany düzedilmegi baradaky görkezmeleri bermäge;

2) kärhananyň ýolbaşçysyny habardar etmek bilen, adamyň janyna we saglygyna howp salýan ýa-da heläkçiligiň döremegine getirip biljek maşynlaryň, mehanizmleriň, enjamlaryň we senetleriň ulanylmagyny gadagan etmäge;

3) kärhananyň ýolbaşçysynyň ylalaşmagy bilen, gaýry bölümleriň degişli hünärmenlerini zähmeti goramak boýunça geçirilýän barlaglara çekmäge;

4) kärhananyň bölümlerinden zähmeti goramak meseleleri boýunça maglumatlary soramaga we almaga, zähmeti goramagyň kadalaryny, tehniki (senagat) howpsuzlyk düzgünlerini gödek bozýan adamlaryň ýazmaça düşündirişlerini talap etmäge;

5) kärhananyň ýolbaşçysyna işi ýerine ýetirmäge ygtyýarnamasy bolmadyk ýa-da zähmeti goramagyň kadalaryny, tehniki (senagat) howpsuzlyk düzgünlerini gödek bozýan adamlaryň işden çetleşdirilmegi baradaky teklipleri bermäge;

6) kärhananyň ýolbaşçylaryna önümçilikde zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerini ornaşdyrmakda tapawutlanan işgärleri sylaglamak baradaky, şeýle hem zähmeti goramak baradaky kadalary we düzgünleri berjaý etmändikleri, önümçilikde betbagtçylykly hadysalara, heläkçiliklere ýol berendikleri sebäpli bellenen tertipde jogapkärçilige çekmek baradaky teklipleri hödürlemäge;

7) kärhananyň bölümleriniň önümçilik, gulluk we durmuş otaglaryna päsgelçiliksizli barmaga, zähmeti goramak meseleleri boýunça resminamalar we beýleki materiallar bilen tanyşmaga;

8) ýolbaşçynyň tabşyrygy bilen, döwlet edaralarynda we jemgyýetçilik birleşiklerinde zähmeti goramak babatyndaky meselelere seredilende kärhananyň bähbidine wekilçilik etmäge.

## IV. Jemleýji düzgünler

15. Şu Düzgünnamada göz öňünde tutulan talaplaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

16. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 26-njy noýabryndaky çykaran 160-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

## Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) birkysmy wezipe gözükdirijisi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) birkysmy wezipe gözükdirijisi (mundan beýläk – Gözükdiriji) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 185-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de kärhanalarda zähmeti goramak boýunça hünärmeniň (inženeriň) wezipe borçlaryny kesgitleýär.

2. Şu Gözükdiriji guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, şol sanda Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurtly ýuridik şahslarda zähmeti goramak boýunça hünärmeniň (inženeriň) ýeke-täk wezipe borçlaryny belleýär.

### II bap. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) wezipeleri, borçlary we hukuklary

3. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) şulary işläp taýýarlaýar:

1) zähmet şertlerini we goragyny kämilleşdirmek, işgärleriň saglygyny berkitmek boýunça meýilnamalaryň taslamalaryny;

2) zähmeti goramak, zähmetiň (senagat) howpsuzlygy baradaky gözükdirmeleri, işiň howpsuz usullary we ugurlary boýunça işgärleri okatmagyň meýilnamasyny.

4. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) şulara gatnaşýar:

1) gorag we öňüni alyş enjamlarynyň we beýleki gorag serişdeleriniň zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleriniň döredilmegi, önümçiligiň aýratynlygyny nazara almak bilen, zähmetiň we dynç alyşyň oňaýly şertlerini döretmek, adamyň işe ukyplylygyny, fiziologiki häsiýetlerini göz öňünde tutmak bilen, şeýle hem işgärleriň saglygyny we iş ukybyny saklamak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen ylmy-barlag edaralarynyň zähmetiň ylmy taýdan gurnalmagy baradaky maslahatlaryny işe ornaşdyrmaklyga;

2) enjamlaryň tehniki ýagdaýlarynyň işiniň howpsuz alnyp barylmagynyň talaplaryna laýyk gelýändigini barlamaklyga, zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda olaryň ulanylmagyny gadagan etmeklige;

3) önümçilik şikesiniň, hünär we hünär bilen bagly bolmadyk keselleriň ýüze çykmagynyň sebäplerini öwrenmeklige, olaryň öňüni almak boýunça geçirilýän çäreleriň peýdalylygyna seljerme bermeklige;

4) işgärleriň saglygyny, zähmet şertlerini gowulandyrmaklyga degişli köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) işlenip taýýarlanylmagyna;

5) täze işe girizilýän we gaýtadan dikeldilen önümçilik binalarynyň ulanylyşa kabul edilmegine.

5. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) şulara gözegçilik edýär:

1) kärhananyň bölümlerinde zähmeti goramak, zähmetiň (senagat) howpsuzlygy, önümçilik sanitariýasy, zähmet gigiýenasy, ýangyn howpsuzlygy babatyndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilişine;

2) işgärlere zähmet şertlerine laýyklykda bellenilen ýeňillikleriň we öwezini dolmalaryň berilişine;

3) ýelejirediş we howany arassalaýyş enjamlarynyň talabalaýyk işlemegine;

4) gorag serişdeleriniň we öňüni alyş enjamlarynyň ýagdaýyna we olaryň öz wagtynda barlaglarynyň geçirilmegine;

5) iş orunlarynyň zähmeti goramak boýunça kadalara we düzgünlere laýyklygynyň synagynyň öz wagtynda geçirilmegine;

6) basyş astynda işleýän bug, suw gyzdyryjy gazanlaryň, gaplaryň we enjamlaryň, bug we suw geçirijileriň, ýük galdyryjy maşynlaryň we barlag – ölçeg we gaýry enjamlaryň öz wagtynda barlaglarynyň geçirilmegine;

7) howanyň ýagdaýynyň, önümçilik güwwüldileriniň, yrgyldylaryň, tozanlaryň, gazlandyrylmagyň, we beýleki önümçilik ýagdaýlarynyň ölçeglerini geçirmegiň tertibiniň berjaý edilişine;

8) işiň howpsuz alnyp barylmagynyň ölçegleriniň we kadalarynyň hem-de önümçiligiň dowamynda ýerine ýetirilişi, şonuň ýaly hem täze işe girizilýän, durky täzelenýän önümçilik binalarynyň taslamalarynda zähmetiň howpsuzlyk ülňileriniň berjaý edilişi barada döwlet gözegçilik gulluklarynyň, pudagara we ulgam boýunça gözegçileriniň ýazmaça görkezmeleriniň ýerine ýetirilişine;

9) zerur bolan ýörite geýimleriň, ýörite aýakgaplaryň, ýörite iýmitleriň, gorag serişdeleriniň we enjamlarynyň sanawynyň dogry düzülmegine;

10) işgärlere şahsy gorag serişdeleriniň wagtynda berilmegine we kärhananyň bölümlerinde zähmeti goramak we tehniki (senagat) howpsuzlygy boýunça serişdeleriň (niýetlenilişine laýyklykda) harçlanmagyna.

6. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) şulary bilmelidir:

1) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny;

2) zähmeti goramak, tehniki (senagat) howpsuzlygy, önümçiligiň sanitariýasy we ýangyn howpsuzlygy babatyndaky kadalaşdyryjy hukuknamalaryny;

3) kärhanada önüm öndürilende amala aşyrylýan esasy tehnologik

ýagdaýlary;
4) iş ýerlerinde zähmet şertlerini öwrenmegiň usullaryny;
5) zähmeti goramak, tehniki (senagat) howpsuzlygy, önümçiligiň sanitariýasy we ýangyn howpsuzlygy işleriniň gurnalyşyny;
6) zähmetiň howpsuzlygy ülňileriniň toplumyny;
7) işiň agyrlygyna laýyklykda işgärlere bildirilýän psihofiziologiki talaplary, ýeňil işlere geçirilen aýallaryň, işçileriň zähmetini peýdalanmakdaky çäklendirmelerini;
8) kärhanada ulanylýan enjamlaryň ulanyş aýratynlyklaryny;
9) enjamlaryň tehniki ýagdaýynyň önümçiligi alyp barmagyň talaplaryna gabat gelmeginiň düzgünlerini we barlag serişdelerini;
10) zähmeti goramagy, tehniki (senagat) howpsuzlygyny wagyz etmegiň we habar bermegiň usullaryny we görnüşlerini;
11) zähmeti goramagyň, tehniki (senagat) howpsuzlygynyň, önümçilik sanitariýasynyň we ýangyn howpsuzlygynyň çäreleriniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlaryň düzülişini we berilmeli möhletlerini;
7. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) ýerlerde işçileriň zähmet şertlerini öwrenýär.
8. Kärhananyň bölümlerine täze kabul edilen işgärler bilen şeýle hem önümçilik tejribelerini geçýän talyplar bilen zähmetiň howpsuzlygy boýunça giriş gözükdirmelerini geçirýär we olaryň bilimleriniň barlagyny gurnaýar.
9. Önümçilik maşklarynyň ýörite toplumlarynyň ornaşdyrylmagyna, oňaýly zolaklaryň, dynç alyş ýerleriniň döredilmegine ýardam edýär.
10. Kärhananyň zähmeti goramak boýunça hünärmeniniň (inženeriniň) şulara hukugy bardyr:
1) kärhananyň ähli bölümlerinde zähmetiň şertleriniň we goragynyň ýagdaýyny barlamaga hem-de ýüze çykarylan kemçilikleriň hökmany düzedilmegi baradaky görkezmeleri bermäge;
2) kärhananyň ýolbaşçysyny habardar etmek bilen, adamyň janyna we saglygyna howp salýan ýa-da heläkçiligiň döremegine getirip biljek maşynlaryň, mehanizmleriň, enjamlaryň we senetleriň ulanylmagyny gadagan etmäge;
3) kärhananyň ýolbaşçysynyň ylalaşmagy bilen, gaýry bölümleriň degişli hünärmenlerini zähmeti goramak boýunça geçirilýän barlaglara çekmäge;
4) kärhananyň bölümlerinden zähmeti goramak meseleleri boýunça maglumatlary soramaga we almaga, zähmeti goramagyň kadalaryny, tehniki (senagat) howpsuzlyk düzgünlerini gödek bozýan adamlaryň ýazmaça düşündirişlerini talap etmäge;
5) kärhananyň ýolbaşçysyna işi ýerine ýetirmäge ygtyýarnamasy bolmadyk ýa-da zähmeti goramagyň kadalaryny, tehniki (senagat) howpsuzlyk düzgünlerini gödek bozýan adamlaryň işden çetleşdirilmegi baradaky teklipleri bermäge;
6) kärhananyň bölümleriniň önümçilik, gulluk we durmuş otaglaryna päsgelçiliksiz barmaga, zähmeti goramak meseleleri boýunça resminamalar we beýleki maglumatlar bilen tanyşmaga.

### III. bap. Jemleýji düzgünler

11. Zähmeti goramak boýunça hünärmeni (inženeri) wezipesine bildirilýän talaplar – ýokary tehniki ýa-da orta - tehniki bilimli bolmalydyr. Kärhana "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň we Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerli edaralary bilen ylalaşyp, zähmeti goramak boýunça hünärmeniň (inženeriň) wezipe borçlaryny tassyklaýar.